# Grek didaktiki poeziýasynyñ atasy: Gesiod

Category: Edebiýaty öwreniş,Goşgular,Kitapcy,Poemalar
написано kitapcy | 23 января, 2025
Grek didaktiki poeziýasynyñ atasy: Gesiod GREK DIDAKTIKI POEZIÝASYNYÑ ATASY

▶ **GESIOD**

■ **Gesiod kim?**

Görnükli grek şahyrlarynyñ biri-de Gesioddyr. Grek didaktiki poeziýasynyñ atasy hasap edilen Gesiod, megerem, Gomerden soñraky döwürde ýaşan bolmaly.
Gomeriñ tipiki gahrymançylyk kyssalaryny we möhüm wakalary gürrüñ berýän epiki şygyrlaryndan tapawutlylykda, Gesiodyñ ahlak-didaktiki temada gürrüñ berýän hekaýatynyñ maksady okyja ahlak taýdan terbiýeleýji täsirleri bermek bolupdyr.
Gesiod hem edil Gomer ýaly: şahyr hakynda anyk maglumatlar biziñ günlerimize gelip ýetmändir. Emma hernäme-de bolsa, alymlar onuñ ömri hakynda azajygam bolsa maglumatlary edindiler. Bu maglumatlaryñ köpüsi onuñ öz eserlerinden süzülip alyndy.
Iñ hakykata ýakyn çaklama şahyryñ b.e.öñ 700-nji ýyllarda Orta Gresiýanyñ Askra obasynda doglanlygydyr. Goşgularyna üns berseñ, ýaşlygynda çopançylyk edendigini, kakasynyñ ölüminden soñra-da daýhançylyk bilen meşgullanandygyny bilse bolýar. Gesiod garypdygyna garamazdan sözüñ doly manysynda tipiki obaly daýhanyñ obrazyna girip bilmändir. Her niçik-de bolsa, kyn durmuşda ýaşan daýhanyñ dünýägaragşyna onuñ eserlerinde göz ýetirmek mümkin.

■ **Gesiod we ylham perileri**

Ýaşlygyndan şygryýete gyzygan Gesiodyñ ýanyna günleriñ bir güni edebiýatyñ we sungatyñ zenan hudaýlary bolan «ylham

perileri» gelip gidenmiş. Periler dumanyñ añyrsyndan çala görnüp duruşlaryna Gesioda hasa bilen şahyryñ labyzly sesini bagyş edipdirler. Olar beren sowgatlaryny hudaýlaryñ adyny şöhratlandyrmak üçin ulanmagy sargapdyrlar. Gesiod özüne aýdylany tüýs ýüregi bilen berjaý edipdir, gün yrman döredijilik duşuşyklaryna, edebi bäsleşiklere gatnapdyr. Ylham perileri bilen geçen syrly duşuşygyñ netijesinde meşhur «Hudaýlaryñ doguşy» (”Teogoni”), «Işler we günler» eserlerini we başga-da birnäçe goşgulary ýazypdyr.

## ■ **Ylham perileri** (muzalar) **bolanda kim bolýar?**

«Ylham perileri» diýip hudaýlaryñ hudaýy Zewsiñ we hakydadyr ýatlamalaryñ zenan hudaýy Mnemosinäniñ dokuz gyzyna aýdylýar. Sungatyñ hudaýlary bolan «ylham perileri» döredijilik adamlaryna joşgun we progressiw güýç beripdirler.
Ylham perileriniñ atlary we seredýän ugurlary boýunça şu aşakdakylardyr:

1. Kalliopa – epiki şygyr boýunça;
2. Klio – taryh boýunça;
3. Erato – liriki poeziýa boýunça;
4. Ewterpa – saz boýunça;
5. Melpomena – tragediýa žanry boýunça;
6. Poligimniýa – ritorika we oratorlyk sungaty boýunça;
7. Terpsihora – tans boýunça;
8. Taliýa – komediýa žanry boýunça;
9. Uraniýa – astronomiýa boýunça.

Gesiodyñ ölümi baradaky maglumatlar hem anyk däl. Rowaýata görä, Gesiod syýahat edip ýörkä, özleri bilen bile ýola çykan maşgalanyñ ogly tarapyndan öldürlipdir we Lokrisde jaýlanypdyr. Başga bir rowaýatda onuñ ystyhanynyñ Orhomen şäherine äkidilendigi we ol ýerdäki bazaryñ ýerleşýän ýerinde şahyryñ hormatyna heýkel dikilendigi aýdylýar.

## ■ Döredijiligi

Gomer ýaly Gesiod hem biziñ günlerimizde-de öwrenilýän we ürç

edilip okalýan iki meşhur poemasyny ýazypdyr. Edebiýat taryhyny öwrenijiler onuňam edil Gomer ýaly eserlerini bir özi ýazdymy ýa-da şärikdeşlikde ýazypdyrmy diýen jedeliň üstünde kelle döwýärler. Ýöne Gesiodyň hakykatda ýaşap geçen adamdygyny, «Teogoni» bilen «Işler we günler» poemasynyň agramly bölegini özüniň ýazandygyny alymlaryň aglaba bölegi ykrar edýär. Poemalaryň diňe käbir bölümleriniň başga awtorlar tarapyndan goşulandygy barada şübheler bar.

## ■ «Teogoni»

Gesiod «Teogonide» hudaýlaryň taryhyny beýan edip, ylham perileriniň öňündäki borjuny «haklapdyr». Poemanyň mazmuny ýaradylyşdan başlap hudaýlar we zenan hudaýlar barada gürrüň berýän hekaýatlardan düzülipdir. «Teogoni» älemiň, hudaýlaryň we dünýäniň düýp manysyny açyp görkezýär.

## ■ «Işler we günler»

Jemi sekiz ýüz setirden ybarat «Işler we günler» poemasy şahyryň erkek dogany Perses bilen aradan çykan kakasynyň mal-mülküniň üstündäki oňuşmazlykdan söz açýar.
Poema iki doganyň dawalaryndan düzülen fablar we mitler bilen doly. Eser zähmet çekmegiň tutuş adamzadyň takdyrynda bardygyny, ýöne bu takdyra boýun bolmak bilen birlikde ýadawsyz zähmet çekenleriň rowaçlyk gazanyp biljekdigini magtaýar.
Poemada beýan edilen hekaýatlarda ýaltalyk, adalatsyzlyk, galphorlyk, kezzapçylyk, süýthorçylyk ýaly pis pişeler ýazgarylyp, halal zähmetiň, dogruçyllygyň gymmaty öňe çykarylýar. Gesiod hemme gowy zatlaryň sakasynyň zähmetdigini, hudaýlaryňam, adamlaryňam ýaltalygy ýigrenýändigini öňe sürýär.
«Işler we günlerde» adamzadyň taryhy Gesiodyň düşündirişi boýunça «Adamzadyň bäş eýýamyna» bölünýär. Iň uzak eýýam bolan «Altyn eýýam» — adamlaryň hudaýlar bilen bile ýaşan döwrüdir. «Kümüş eýýamda» — çagalyk 100 ýyl dowam edipdir, ýöne kämillik ýaşy gysga we çaknyşyklardan doly bolupdyr,

«Bürünç eýýamy» agyr söweşlerden doly döwür. «Gahrymançylyk eýýamynda» orta çykan gahrymanlar saýasynda ýaşaýyş biraz durnukly ýagdaýa gelipdir. Emma bu döwürem tamamlanyp, gahrymanlar ärdemli ruhlaryñ ebedilik dynç alýan ýeri bolan Eliziý öleñligine gidipdirler.
Gesiod öz ýaşan döwrüne «Demir eýýamy» diýip at beripdjr. Şahyr bu eýýamy agyr işleriñ we horlugyñ döwri hasaplapdyr.

Dr. Nancy CONNER. Edebiýaty öwreniş